# Bolsa ýagşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bolsa ýagşy

BOLSA ÝAGŞY

Bir beýiklik küýsäp, daga bakaňda,
Belent gaýalary kert bolsa ýagşy.
Köňle maksat besläp ýola çykaňda,
Ynamyň polatdan berk bolsa ýagşy.

Ýoda-ýola eltýär, öwrülip aýlap,
Bilbil “bilbil” bolan ýadaman saýrap.
Ýigidiň durkunda dogum hem gaýrat,
Zenanda haýa hem görk bolsa ýagşy.

Ynsandan asgyndyr janly-jemende,
Adam “adam” bolup galýar belende.
Döwlet hem şan-şöhrat salam berende,
Joşan gursaklarda erk bolsa ýagşy.

Jylawlap başarmak gerek höwesiň,
Bolmaly öz ýüzüň hem-de öz sesiň.
Antlar içip, aldap bilýän näkesiň,
Anty bokurdaga merk bolsa ýagşy.

Bol täze eşikli, köneräk jully,
Jübiň pulsuz bolsun ýa bolsun pully.
Müzzerip durmasa alkymy gylly,
Ýigdiň her bir sözi pert bolsa ýagşy.

Biri diýýär: “Meniň ýalňyz başym bar,”
Biri diýýär: “Ýok palow, unaşym bar”.
Biri diýýär: “Mende üçje maşyn bar”,
Näsini aýdýaň dost, dört bolsa ýagşy.

Her kim bir zat atjak bolup duluna,

Bakýany az ýöräp barýan ýoluna.
Tomsuň jöwzasynda Günüň nuruna,
Ýüzüň ýanyp, gara ört bolsa ýagşy.

Wagt garaşmaz kim bolsaňam bolar çak,
Aslyňa daýan-da asyl ýoluň tap.
Ýazgytda baryny biljek ýalňyz Hak,
Ynsan ogly mydam mert bolsa ýagşy.

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular